# Putiniñ ölüm sanawy

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Putiniñ ölüm sanawy PUTINIÑ ÖLÜM SANAWY: KREMLIÑ DUŞMANLARYNYÑ DEPE SAÇYÑY DÜÝRÜKDIRIJI YKBALY




*Tilsimler köp we dürli-dürli: zäherlemek, atmak, uçar heläkçiligi, iñ bärkijesi syrly ýagdaýda penjireden aşaklygyna düşmek. Putin ýagylaryna we syýasy garşydaşlaryna döwletiñ güýjüne baýrynyp edilýän teraktlary industrial sepgide çykardy.*
*Wladimir Putiniñ tersine gitmegiñ jezasy käte gaty tiz kesilýär (Reuters).*
Bularyñ barsynyñ sebäbi, bir adamyñ, gaçybatalgada bukulyp ýatan adamyñ ýigrenji we gorkusy. Onuñ buýrugy bilen janyma kast edilmeginden aman sypyp, ony örtendirdim. Soñ ýene bir etmiş etdim: Gidemsoñam ümsüm gezmedim. Bulam gaçybatalgadaky ownuk ogrynyñ janyny ýakýar.
Russiýada jogapkärçilige çekilende sud zalyndaky kapasangñ içinde saklanýarsyñyz. Bu ýagdaý Alekseý Nawalnynyñ müdimilik duşmany Wladimir Putine elindäki ýeke-täk serişde bilen, ýagny sözüniñ güýji bilen garşysyna çykmaga päsgel berip bilmedi.
Ynjyk diktator üçin syýasy oppozisiýadan has erbet ýeke-täk

etmiş bar – ýañsylanmak. On ýylynyñ agramly böleginde Putiniñ baýlygyny we mafiýapisint etmişlerini öwrenen Nawalnyý ýüze çykaran maglumatlaryny käte çyny bilen, käte-de Kremldäki oturany ýañsa alyp çeper filmlerine, wloglaryna, bloglaryna gülkünç mimler bilen sepeleşdirdi. Putin ony sem etmek üçin elinden gelenini etdi. Bir däl, iki gezek zäherlenmesini gazandy. Nawalnyý adatdan daşary ýagdaýda ölmän galsa-da, türmä atyldy, jezasy yzygiderli uzaldyldy, saglygy barha ýaramazlaşdy.
Oppozisiýanyñ bu batyrgaý liderini ýakynda uçary asmandan kelemenläp gaýdanda janyna kast edilendigi çaklanan hakynatutma galtaman Ýewgeniý Prigožin bilen deñeşdirmek akyla-huşa sygmajak zat ýaly bolubam görnüp biler. Hem öldüriliş formasy, hem ilkibaşdaky ünssüzligi, ähli alamatlar Putiniñ ar alandygyna yşarat edýärdi.




Russiýanyñ harby edaralarynyñ düzgün-nyzamyna gol salgandygy we barha köp gürläp başlan wideolarynda we yzyndan geñsi Moskwa çozuşyna synanyşygynda Prigožiniñ eden zady Putini gülkünç ýagdaýa düşürmekdi. Syýasatçylar, žurnalistler ýa-da öñki jansyzlar aýdylmaly däl edilen hakykatlary ýüze çykaranda köplenç bolşy ýaly jezasy şobada berildi.
Tilsimler köp we dürli-dürli: zäherlemek, atmak, uçar heläkçiligi, iñ bärkijesi syrly ýagdaþda penjireden aşaklygyna düşmek. Bular käte ýaşyrynlyk bilen edilse-de, garşy çykmagyñ howplary hakda signal bermek üçjn köplenç açyk ýagdaýda edilýär. Dogrusyny aýtmaly bolsa, nyşana çenelip edilen

jenaýatlar Putiniñ häkimiýet başyna gelen 2000-nji ýyldan öñ başlady. 90-njy ýyllardaky bular ýaly hadysalar köplenç çeçen ýolbaşçylygynyñ goluny göterýärdi. Ýa-da jenaýatçylykly bandalar (we olaryñ syýasy hojaýynlary) biri-birlerinden öç alýardylar. Putin bolsa döwletiñ güýjüne baýrynyp edilýän teraktlary industrial sepgide çykardy.




*Birleşen Korollygyñ we Russiýanyñ arasyndaky düşünişmezlige Aleksandr Litwinenko jenaýaty sebäp boldy (Reuters)*

Nawalnyý we 2018-nji ýylyñ mart aýynda Salisbury’de zäherlenen, GRU-nyñ köne harby kontrrazwedkaçysy britaniýaly iki tarapa işleýän jansyz Sergeý Skripal hadysasyndaky ýaly şowsuz ýagdaýa seýrek uçralýar. Şeýle ýagdaýda-da tabşyrygyñ hötdesinden gelip bilmedik jogapkärlere azar ýamany berilýär. Hernä Skripal we onuñ gyzy günortanlyk edinen pizza restoranynyñ ýakynyndaky bankda tapylaýdy. Britaniýalylaryñ terakty amala aşyrmakda aýyplaýan iki rus jansyzy has soñra rus teleýaýlymyna çykyp, bu «owadan» şähere «bütin dünýäniñ iñ meşhur» buthana diñini görmäge gidendiklerini öñe sürdi. Teleýaýlymyñ başlygy we Putine ýakyndygy biken tanalýan alypbaryjy pyñkyryşyp, gülmän zordan saklandylar. Bu gysga wagtlaýyn şöhrat bir demde olary masgaralamak maksadynyñ bardygyny görkezýärdi.

Köp sanly kast edilşigiñ arasynda öñe saýlanýan bir fotosurat bar. Ol Putini çekinmezden tankyt edýän öñki çekist Aleksandr

Litwinenkonyñ 2006-njy ýylyñ noýabr aýyndaky ölüminiñ öñüsyrasy hassahanantñ palatasynda gözlerini dikip ýatyrka alynan suraty. Litwinenko Londonyñ Maýfair raýonynyñ merkezindäki otelde juda seýrek tapylýan güýçli radioaktiw izotop bolan poloniý-210 goşulan gök çaý içdi. Şowlulyk bilen şowsuzlygyñ arasyndaky tapawut mesaña görnüp dur: Britaniýalylaryñ aýtmagyna görä jenaýaty eden iki rusdan biri Andreý Lugowoý parlamentiñ agzasy edilip, derejelendirildi.




Londongrad (Britaniýanyñ paýtagty wagtyñ geçmegi bilen şeýle

atlandyrylmaga başlandy) we onuñ töwerekleri kast edişlikleriñ yzygiderli bolup geçýän mekanyna öwrüldi. Aleksandr Perepiliçnyý Russiýanyñ ogurlyk pullary kanunylaşdyrma meýilnamalary boýunça Şweýasariýanyñ alyp barýan derñew işine kömek edenden soñ, 2009-njy ýylda Britaniýa gaçdy. Perepiliçnyý üç ýyldan soñ Surreýiñ Weýbrij posýologynda ýerleşen saýlama we howpsuz şäherçedäki öýüniñ ýanynda gezim etmäge çykandan soñ öli tapyldy. Sud-medisina ekspertizasynyñ eksperti resmi ýagdaýda jenaýat alamatlaryny tapmasa-da, görnüp duran ýarawsyzlygynyñ bolmandygy üçin Perepiliçnynyñ ölüm sorag alamatlaryny döretdi.

Boris Berezowskiniñ 2013-nji ýylyñ mart aýynda Askotyñ golaýynda ýerleşen ölümi-de şolar ýaly gyzyklanma döretdi. Berezowskiniñ jesedi kilitlenen hammamda boýnundan ýüp oralan halda tapyldy. Putiniñ syýasy taýdan belende galmagynda rol oýnan oligarh we syýasatşynas Berezowskiý syrkaw ýatan Boris Ýelsiniñ maşgalasyny ýurdy elitalaryñ adyndan dolandyryp biljek birini tapandygyna ynandyrypdy. Birinji etmeli işinde edeni bolandan soñ özüniñ kömek eden adamy tarapyndan adatdan daşary gyraklatmalara uçran Berezowskiý sürgünde aşa öçli oppozisionere öwrüldi.

Men onuñ bilen «New Statesman» žurnalynyñ baş redaktory bolup işlänimde 2006-njy ýylda günortanlyk naharynda bir gezek görşüpdim.

Edepsiz, gödek, gaharly, dinamosypat, durnukly ahlak düşünjesiniñ ýa-da ygrarynyñ ýokdugy görnüp duran Berezowskiý Russiýadaky güýç dinamikalary hakda jadylaýjy maglumatlar berdi. Yza gañrylyp seredilende, ol Prigožiniñ ofiser däl wersiýasy ýaly görnübem biler: «duşmanymyñ duşmany» kategoriýasyna girýän Berezowskiniñ taryha goýup ýeke-täk mirasy Putine garşy ýöreden oppozision işi boldy.

Kreml gaçyp bukulmaga hiç ýeriñ ýokdugyny, hiç bir ýurduñ, hiç bir howpsuz şäherçäniñ tabşyrylan ýumuşy ýerine ýetirýän ganhordan goranyp biljek howpsuzlygy üpjün edip bilmeýändigini görkezmegi halaýar. Kämahalam tabşyrygy öýe ýakyn bir ýerde ýerine ýetirtmegi halaýar. 2015-nji ýylyñ fewralynda Putin döwrüniñ iñ batyrgaý syýasy temmileriniñ birinde Boris Nemsow Kremliñ golaýyndaku köpriniñ üstünde ýakyn aralykdan atylyp öldürildi.

Nemsow şamlyk naharyny edinmäge çykandan soñ zenan tanşy bilen ýöräp barýardy. Öñ gubernator bolup we Ýelsin döwründe

premýer-ministriñ orunbasary bolup işlän Nemsow belli-başly oppozisionere öwrülipdi. Putiniñ «şahsy jogapkärçiligi» boýnuna alan derñew işinde Demirgazyk Kawkazdan bäş adam türmä salyndy. Bar bolany şu.




*Öldürilen žurnalistka Anna Politkowskaýanyñ portretiniñ öñüne gül dessesi goýulýar (AP)*

Derñeýji-žurnalist Anna Politkowskaýanyñ öldürilmegi garaşylmadyk sensassiýany döretdi. Putin döwrüniñ başky ýyllarydy we bular ýaly hadysalar heniz ýörgünleşmändi. Politkowskaýa 2006-njy ýylyñ oktýabr aýynda supermarketden öýüne gaýdyp gelýärkä, Moskwadaky ýaşaýan jaýynyñ liftinde atylyp öldürildi. Politkowskaýanyñ Çeçenistandaky ikinji uruş döwründe ýol berlen adam hukuklary boýunça düzgün bozulmalar hakda taýýarlan habarlary ony çekinilýän aýala öwrüpdi.

Ine, Russiýada we daşyndaky beýleki wakalardan käbirleriniñ gysgaça beýany:

Sergeý Magnitskiý bejergi talabynyñ ret edilmeginiñ yzyndan 2009-njy ýylda türmede ýüregagyrysy tutup öldi. Magnitskiý ýokary derejeli korrupsiýalary ýüze çykarmak üçin sürgündäki amerikan biznesmeni Bill Browder bilen bile iş alyp barýardy. Birnäçe ýurtda güýje girizilen «Magnitskiý kanuny» indi döwlete garşy jenaýatlara bulaşan ruslary sem etmek üçin ulanylýan adalga.

Pedagog, Çeçenistandaky «Memorial» adam hukuklary guramasynyñ başlygy Natalýa Estemirowanyñ jansyz bedeni 2009-njy ýylda Çeçenistanyñ goñşusy Inguşetiýadaky çukurdan tapyldy.
Putin häkimiýetiniñ başlanyna ýañy iki aý geçende Russiýanyñ iñ karizmatiki we populýar žurnalistlerinden Artýom Borowikiñ uçary heläkçilige uçrady. 90-njy ýyllaryñ liberalizminden peýdalanan Borowik «Top Secret» atly telegepleşikde dürli hili habarlary köpçüligiñ dykgatyna ýetiripdi. Şeýdibem sansajaksyz duşman edinipdi.
Şol döwür ukrain oppozisiýasynyñ başlygy Wiktor Ýuşşenko Moskwanyñ tarapdarlygyny edýän premýer-ministr Wiktor Ýanukowiçe garşy Günbatarçy syýasat ýöreden 2004-nji ýylyñ prezident saýlawlary döwründe zäherlendi. Ýüzüniñ we teniniñ sypaty üýtgese-de ölmän galdy. «Pyrtykal rewolýusiýanyñ» bir bölegini düzýän köçe mitingleriniñ ortasynda Ýuşşenkonyñ bu saýlawdaky ymykly ýeñşi Ukrainanyñ doly garaşsyzlygy ugrunda ädilen aýgytlaýjy ädimleriñ biridi.




Soňky ýyllarda penjireden aşaklygyna oklamak kimdir birini gümlema ibermegiň iň ýörgünli usulyna öwrüldi. 2022-nji ýylyň awgustynda Waşington DC-de ýaşaýan latwiýaly amerikan bankiribwe Putine garşy çykan Dan Rapaportyň ykbaly-da şeýle boldy. Mundan bäş ýyl öň onuň Moskwadaky söwda partnýorynyňam başyna şeýle ýagdaý inipdi. Barha ýörgünleşýän başga bir tilsimem «öz janyna kast eden» ýaly görkezilýän ölümler boldy. Şol ýylyň aprelinde Ispaniýanyň turistik zonasy Lloret de Marda oligarh Sergeý Protosenýa aýaly we gyzy bilen bile öli ýagdaýa tapyldy. Gysy bilen aýaly pyçaklanan, Protosenýanyň özi bolsa asylan ýagdaýdady. Kowid waksinasynyň

taýýarlanmagyna gatnaşan alym Aleksandr Kaganskiý 2020-nji ýylyñ dekabrynda Sankt-Peterburgda belent gatly binadaky otagyndan aşaklygyna gaçey. Beýleki ýerleriñ arasynda Berlin (oppozisionerler we jenaýatlar üçin populýar saýlaw) we Birleşen Arap Emirlikleri bar.
Şu günlere dolanyp geleliñ: Russiýanyñ we Britaniýanyñ raýaty bolan oppozisioner aktiwist Wladimir Kara-Murza 2015-nji, 2017-nji ýyllarda iki gezek şowsuz zäherlenme synanşygynyñ didiwanyna münüp düşdi. Has soñra Germaniýadaky laboratoriýa Kara-Murzanyñ içki goşlarynda ýokary derejede sumap, gurşun, marganes, sink bardygyny anyklady. Kara-Murza gowulaşyp işlerini dowam etdirenem bolsa, bularyñ netijesinde 2023-nji ýylyñ mart aýynda 25 ýyl azatlykdan mahrum edildi, bu ýagdaý ruslaryñ jezalandyrma tislimlerine belet synçylary-da geñ galdyrdy.



*Ýüzüne himiki madda sepilen Alekseý Nawalnyý aýaly Ýuliýa tarapyndan bejerilýär (AP)*

Nawalnyý barada aýdanda bolsa, ol ölmese bolmaýardy. 2017-nji ýyldaky birinji hadysada näbelli adamlar onuñ ýüzüne ýaşyl boýag pürkdi. Ol bir gözüni doly ýitirdi. 2020-nji ýylda Nawalny Sibiriñ Tomsk şäherinden Moskwa gaýdyp gelýärkä, uçarda erbet syrkawlady. Başga bir ýolagçynyñ el telefony bilen düşüren wideosynda bu ýagdaý ýazgy edildi. Nawalnyý janhowluna urnup ýatyrka, söwda-ýolagçy uçary gyssagly

ýagdaýda golaýdaky Omsk şäherine gonmaly boldy. Eger uçarmanyñ, gury ýerdäki tehnikleriñ we Germaniýadaky lukmanlaryñ adatdan daşary tagallasy bolmadyk bolsa, Nawalnyý öläýmelidi. Gowulaşmak üçin bäş aýlap Berlinde bolan Nawalnyý Russiýa gaýdyp baran badyna tussag edildi.

Edil häzirem gözenegiñ añyrsynda ýatan Nawalnyý uzak ýyllap ol ýerde ýatmaga taýýarlanýar. Ol şonda hem göreşini bes edenok. Şol ýatan ýerinde-de Germaniýada bolan döwründe Putini we onuñ töweregini paş edýän kinofilmleriniñ birinde oña awy bermek üçin ugradylan agentleriñ biri bilen reportaž almagy başardy. Bu diýseñ gülkünç, depe saçyñy düýrükdiriji we jadyly zat.




*Jon Kampfneriñ täze kitaby «Berliniñ ugrunda» («In Search of Berlin») 5-nji oktýabrda çapdan çykmagyna garaşylýar*.

Jon KAMPFNER.

Anna, 22.09.2023 ý. Publisistika